# Abdallar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Abdallar ABDALLAR

Ne bola dünýäde çekseler jefa abdallar,
Ahyret mülkünde sürerler safa abdallar.

Kanda barsalar, gider zulmat, hedaýetler gelür,
Anyñ üçin seýr ederler her ýana abdallar.

Ger härir olsa gabaýy bildiler kylmaz zefa,
Anyñ üçin ygtyýar etdi aba abdallar.

Ömrüñ uzyn bolmak istär sen tasadduk eýle kim,
Bir dogada ret ederler müñ bela abdallar.

Geldiler kalu beliden, şaha, ykrar etdiler,
Müñküre «püf» etdiler inkärine abdallar.

Eý, Nesimi, baky olmak istär iseñ fany ol,
Fany olmaýança bulmazlar baka abdallar. Goşgular